**Türkmenistanyň Merkezi banky**
Центральный банк Туркменистана
Central Bank of Turkmenistan

# BANK HABARLARY
# БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК
# BANKING BULLETIN

**2025-nji ýylyň 1-nji awgust ýagdaýyna**
на 1 августа 2025 года
as of August 1, 2025

**Aşgabat 2025**

# Mazmuny / Содержание / Content

## SELJERIŞ MAKALALARY
### АНАЛИТИЧЕСКИЕ СТАТЬИ / ANALYTICAL ARTICLES


**YKDYSADY DURNUKLYLYGYŇ ÜPJÜN EDILMEGI — ÄHLUMUMY ÖSÜŞE GOŞANT**
3

**«AWAZA» FORUMY HALK BÄHBIDINI NAZARLAP**
5

**KÄMIL PUL-KARZ SYÝASATY WE DURNUKLY YKDYSADY ÖSÜŞ**
8

**TÜRKMENISTANYŇ «HALKBANK» PAÝDARLAR TÄJIRÇILIK BANKYNYŇ DÖWREBAP HYZMATLARYNYŇ ÖSÜŞI**
14

**YKDYSADY ÖSÜŞ - DURMUŞ ABADANÇYLYGYNYŇ GÜWÄSI**
17

**DÖWLET MAKSATNAMASYNA EÝERIP**
20

**DÖWRÜŇ AJAÝYP ÖSÜŞLERINI NAZARLAP**
23


## SELJERIŞ MAGLUMATLARY
### АНАЛИТИЧЕСКИЕ МАТЕРИАЛЫ / ANALYTICAL MATERIALS


**TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI**
ТЕНДЕНЦИИ РАЗВИТИЯ БАНКОВСКОЙ СИСТЕМЫ ТУРКМЕНИСТАНА
DEVELOPMENT TRENDS OF THE BANKING SYSTEM OF TURKMENISTAN
26

**TABLISALAR** / ТАБЛИЦЫ / TABLES
28

# YKDYSADY DURNUKLYLYGYŇ ÜPJÜN EDILMEGI — ÄHLUMUMY ÖSÜŞE GOŞANT

«Halkara parahatçylyk we ynanyşmak» ýylynyň 4 — 8-nji awgusty aralygynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahatynda garaljak meseleleriň arasynda ykdysady hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de kämilleşdirmek we ösdürmek gatnaşyjylaryň ählisi üçin-de derwaýys bolmagynda galýar. Bu, öz gezeginde, ösüşiň häzirki tapgyrynda maliýe-bank ulgamynda giňden ornaşdyrylýan innowasion tehnologiýalar, galyndysyz ykdysadyýet, maýa goýum syýasaty bilen baglanyşykly meseleleri öz içine alýar.

Dünýä ykdysadyýetinde çylşyrymly ýagdaýlar dowam edýär we ol ählumumy ösüşe ýaramaz täsirini ýetirýär. Muňa garamazdan, Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanyp, hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli dowam etdirilýän döwlet syýasaty ýurdumyzyň durnukly ösüşini üpjün edýär.

Munuň aýdyň mysalyny şu ýylyň alty aýynda alnyp barlan işleriň netijelerine bagyşlanyp, 11-nji iýulda geçirilen Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde beýan edilen maglumatlardan hem görmek bolýar. Hasabat döwründe jemi içerki önüm 6,3 göterim artdy, jemi öndürilen önümiň möçberi 9,9 göterim ýokarlandy. Degişli döwürde ýurdumyzda 17 milliard 829 million manat möçberinde düýpli maýa goýumlar özleşdirilip, bu görkeziji geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 15,6 göterim köpdür. Şu görkezijileriň gazanylmagynda halkara ykdysady hyzmatdaşlygyň ösdürilmeginiň täsiri uludyr. Sebäbi hyzmatdaş döwletleriň sanynyň artmagy esasynda ýüze çykýan ykdysady meseleleri üstünlikli çözmäge we ösüşiňtäze belentliklerine ýetmäge mümkinçilikler açylýar. Şeýle amatlyklaryň döredilmegi ýurdumyzda geçiriljek BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahatynyň ähmiýetini has-da artdyrýar.

Ykdysady hyzmatdaşlyk köp ugry öz içine alýar. Bäş günläp dowam etjek halkara forumyň çäklerinde syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ugurlary öz içine alýan baý mazmunly çäreleri geçirmek meýilleşdirilýär. Forumyň meýilnamasy işewürlik hem-de medeni çäreleri, mowzuklaýyn sergileri, Merkezi Aziýa döwletleriniň milli günlerini öz içine alýar. Onuň dowamynda plenar mejlisler, ýokary derejeli mowzuklaýyn «tegelek stol» duşuşyklary we 7 sany ýokary derejeli forum geçiriler. Şolaryň hatarynda Günorta-Günorta hyzmatdaşlygy boýunça ministrler duşuşygy, parlament forumy, hususy pudagyň forumy, raýat jemgyýetiniň forumy, ýaşlar forumy, zenan ýolbaşçylaryň duşuşygy we aragatnaşyk boýunça çäre bar.

Gatnaşyjy döwletler, halkara guramalar we türkmen tarapynyň guramagynda birnäçe çäreler hem göz öňünde tutulýar. Olar ýerüsti ulag we arabaglanyşyk, «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak» ýyly ýaşlar syýasaty, durnukly energetika, sirkulýar ykdysadyýet ýaly mowzuklara bagyşlanar. Şunda sirkulýar ykdysadyýet barada aýratyn durup geçmek ýerlikli bolar. Sirkulýar ykdysadyýet — bu ykdysady nusganyň görnüşi bolup, onuň esasy maksady çig mallaryň, energiýanyň we serişdeleriň ulanylyşyny iňýokary derejä çykarmakdan hem-de galyndylary iňpes derejä çenli azaltmakdan ybaratdyr. Bu nusgada önümlerdir serişdeler ykdysadyýetde mümkin boldugyça uzak saklanyp, abatlanylýar, gaýtadan işlenilýär ýa-da täzeden öndürilýär. Önümleriň ömrüni uzaltmak, abatlamak we täzeden ulanmak; gaýtadan işlemek — materiallary täzeden dolanyşyga girizmek; galyndylara garşy durmak — çykdajylary we zyýany azaltmak; serişdeleriň netijeli ulanylmagy — energiýanyň we çig mallaryň tygşytly

sarp edilmegi sirkulýar ykdysadyýetiň esasy ýörelgeleridir.

Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlaryň ýaşlar forumy ýaşlara dünýä Liderlerine öz garaýyşlaryny beýan etmäge mümkinçilik berer. Bu bolsa geografik päsgelçilikleri ýeňip geçmek, ykdysady ösüşi höweslendirmek we Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek üçin täze strategiýalary işläp düzmäge kömek eder. Maslahatyň çäginde geçiriljek çärelere deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan 32 ýurduň döwlet hem-de hökümet Baştutanlary, BMG-niň Baş sekretary we onuň orunbasarlary, halkara we sebit guramalarynyň, kanun çykaryjy edaralaryň, maliýe institutlarynyň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, hususy pudagyň ýolbaşçylarydyr wekilleri gatnaşarlar.

Häzirki zaman dünýäsinde döwletleriň arasynda milli we halkara maýa goýum bazaryny ösdürmek, bilelikdäki maýa goýum taslamalaryny işläp düzmek, olary üstünlikli amala aşyrmak bilen baglanyşykly islegler barha ýokarlanýar. Munuň şeýledigini ýurdumyzda üstünlikli durmuşa geçirilýän maýa goýum taslamalarynyň ýylsaýyn artýandygyndan hem görmek bolýar. Şeýle amatlyklaryň döredilmegi Diýarymyzda ulag ulgamyny düýbünden täze derejä çykarmaga, söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyň gerimini giňeltmäge, döwletimiziň eksport kuwwatyny artdyrmaga, importyň ornuny tutýan önümleri öndürmäge, ýurda gelýän erkin ýörgünli puluň yzygiderli artmagyna mümkinçilik berýär.

Ýokarda agzalan meseleleri çözmekde we deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň işini täzeçe guramakda maliýe-bank ulgamyndaky hyzmatdaşlyk hem aýratyn ähmiýete eýedir. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanda ykdysady ösüşiňesasy binýady bolup çykyş edýän bank ulgamynda yzygiderli özgertmeler amala aşyrylýar. Ulgama ylmyň, tehnikanyň we öňde-baryjy tehnologiýalaryň, sanly ykdysadyýetiň ornaşdyrylmagy işjeň ýagdaýda alnyp barylýar. Şeýlelikde, diňe bir milli çäkde däl, eýsem, sebit, halkara derejede ýerine ýetirilýän maliýe-bank hyzmatlary-da az harajat bilen gysga wagtda amal edilýär. Şu nukdaýnazardan ugur alnanda, Awaza forumynda-da bu meseläniňara alnyp maslahatlaşylmagynyň döwletara gatnaşyklaryň ösmeginde maliýe-bank ulgamynyň ornuny has-da berkitjekdigi, durmuş-ykdysady meseleleriň üstünlikli çözülmegine ýardam etjekdigi ikuçsuzdyr. Maslahata ýurdumyzyň telekeçileri we ýaş hünärmenleri hem işjeň gatnaşarlar. Bu, öz gezeginde, olara dünýäniň ösen döwletleriniň tejribesini öwrenmäge, hyzmatdaşlygyň täze ugurlaryny açmaga giň mümkinçilikleri döreder.

**Baýramdurdy TAÝHAROW,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş
institutynyň professory, ykdysady ylymlaryň kandidaty



# SELJERIŞ MAKALALARY

## «AWAZA» FORUMY HALK BÄHBIDINI NAZARLAP

Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllygynyň giňden bellenilýän «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak» ýylynyň 4 — 8-nji awgust aralygynda Hazaryň türkmen kenaryndaky «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda, dünýä ähmiýetli iri waka ýagny — Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahaty geçiriler. Ýer ýüzüniň dürli yklymlaryndan, onlarça döwletiň ýokary derejeli wekiliýetleriniň gatnaşmagynda, geçiriljek bu forum halkara giňişlikde barha işjeň orna eýe bolýan, deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlaryň durmuşynda, onýyllygyň wakasy hasaplanýar. Bu bolsa Milletler Bileleşigi tarapyndan her on ýylda bir gezek geçirilýän maslahatyň öňdäki on ýylda amal ediljek wezipeleri kesgitleýändigi bilen ähmiýetlidir.

Şu ýylyň 11-nji aprelinde geçirilen Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň 63-nji plenar mejlisinde bu maslahatyň ýurdumyzda geçirilmegi bilen bagly degişli Kararnama kabul edildi we oňa 57 döwlet bu resminamanyň awtordaşy hökmünde çykyş etdi. Şu ýylyň 4-nji iýulynda bolsa hormatly Prezidentimiz «Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahatyny geçirmek hakynda» Karara gol çekdi. Mundan başga-da, Karary ýerine ýetirmegiň çäklerinde Türkmenistanyň Hökümeti bilen Birleşen Milletler Guramasynyň arasynda Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahaty geçirmek babatda ylalaşmalar hakynda





Ylalaşyga gol çekildi. Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň düzümine girýän 32 ýurduň, döwlet we hökümet Baştutanlarynyň, 47 sany kiçi ada döwletleriniň, 49 sany az ösen ýurtlaryň ýokary derejeli wekiliýetleriniň, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretarynyň we onuň orunbasarlarynyň, birnäçe halkara, sebit guramalarynyň, maliýe institutlarynyň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, hususy pudagyň ýolbaşçylarynyň we wekilleriniň gatnaşmagyna garaşylýar.

Ilaty 570 million adamdan geçýän, deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan 32 ýurt geografik ýerleşişi boýunça şertlenen umumy kynçylyklar bilen ýüzbeýüz bolýar. Bu meseleler olaryň dünýäniň beýleki ýurtlary bilen söwda ykdysady gatnaşyklaryna oňaýsyz täsirini ýetirýär. Özbaşdak port desgalarynyň ýokdugy üçin olar üstaşyr döwletlere garaşly bolýarlar. Bu bolsa birnäçe durmuş ugurly meseleleriň ýüze çykmagyna getirýär. Şunuň bilen baglylykda, bu maslahat, durnukly ösüş ulgamynda anyk hereketleri ara alyp maslahatlaşmak we işläp taýýarlamak, kämilleşdirilen ulag, sanly özara arabaglanyşyk arkaly ekologiýa, azyk howpsuzlygyny üpjün etmek, şeýle hem Türkmenistanyň ileri tutýan milli hem daşary syýasy garaýyşlaryna laýyk gelýän netijeli gatnaşyklary ösdürmek boýunça ygtybarly meýdança öwrüler. Bu çäre deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlara berilýän ählumumy goldawlary utgaşdyrmaga, özara bähbitli döwletara, sebit we halkara hyzmatdaşlygy ösdürmäge, geljegi uly bilelikdäki

taslamalary durmuşa geçirmäge, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek üçin goşant goşmaga ýardam berer we maslahata gatnaşýan ýurtlaryň arasyndaky hyzmatdaşlygy berkitmekde, ählumumy bähbitli çözgütleri işläp taýýarlamakda we olary durmuşa geçirmekde uly ähmiýete eýe bolar.

Ýurdumyzyň döwrebap ulag-logistika düzümleriniň mümkinçilikleri, halkara hyzmatdaşlykda gazanylan oňyn tejribeler maslahata gatnaşýan ýurtlaryň hususy pudagynyň wekilleri üçin örän peýdaly bolup biler. Forum kompaniýalaryň wekilleri bilen Birleşen Milletler Guramasyna agza ýurtlaryndan gelen wekiliýetleriň, şeýle hem onuň agentlikleriniň, maýa goýumlara ýardam bermek boýunça düzümleriň, beýleki gyzyklanýan taraplaryň arasynda göni aragatnaşyk saklamak üçin gurşawy döreder. Onda deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlaryň söwdasy we üstaşyr geçirmek, ösüş mümkinçilikleri, sanlylaşdyrmak, maliýeleşdirmek, maýa goýum syýasaty hakynda pikir alşylar, täze başlangyçlar öňe sürler.

Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlarda ykdysadyýetiň hususy bölegi önümçiligiň ösmegine we eksportyň artmagyna uly goşant goşýar. Bu bolsa, öz gezeginde, daşary ýurt bazarlaryna çykmak üçin sarp edilýän ulag çykdajylaryny peseltmäge mümkinçilik berer. Hususyýetçiler halkara banklar we hususy maýadarlar bilen hyzmatdaşlygy ýola goýup, ýurduň ykdysadyýetine daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmekde hem netijeli işleri alyp barýarlar. Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlaryň hökümetleri hususy pudagyň öz mümkinçiliklerini durmuşa geçirip bilmegi üçin zerur kanunçylyk binýadyny emele getirmäge, gümrük amallaryny ýeňilleşdirmäge, döwrebap ulag-logistika düzümlerini döretmäge, kiçi we orta telekeçiligiň ösmegi üçin maliýe goldawyny bermäge, işewürlige başlamak we oňa maýa goýumlary çekmäge, ýokary hilli hünärmenleri, işçi güýjüni taýýarlamak üçin zerur işleri alyp barmaga oňaýly şertleri döreder.

Nobatdaky bu maslahat üçin saýlanyp alnan «Hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny goldamak arkaly ösüşe ýardam bermek» atly mowzuk hem onuň esasy orny bolar. Maslahat bilen ugurdaşlykda plenar mejlisler, ýokary derejedäki tematik «tegelek stollary» guralar. Şeýle-de ýokary derejedäki 7 sany forumyň, ýagny GünortaGünorta hyzmatdaşlygy boýunça ministrler duşuşygynyň, parlament, hususy pudagyň, raýat jemgyýetiniň, ýaşlar forumlarynyň, zenan ýolbaşçylaryň duşuşygynyň geçirilmegi göz öňünde tutulýar. Geçiriljek bu forumda, Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar üçin Hereketleriň on ýyllyk maksatnamasy kabul ediler we «Awaza maksatnamasy» diýlip atlandyrylar.

Şular ýaly her 10 ýyldan geçirilýän maslahatyň ilkinjisi mundan 22 ýyl öň geçirildi. Has takygy, 2003-nji ýylyň awgust aýynda Gazagystanyň Almaty şäherinde BMGniň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça birinji maslahaty geçirildi. Maslahatyň çäklerinde 2003 — 2013-nji ýyllar üçin Hereketleriň Almaty maksatnamasy kabul edildi. Bu maksatnama deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlaryň açyk deňizlere çykmak üçin ulag üstaşyr mümkinçiliklerinden peýdalanmaklary, ulag infrastrukturasyny ösdürmek we söwdany ýeňilleşdirmek bilen bagly anyk çäreleridir teklipleri öz içine alýar. 2014-nji ýylyň noýabr aýynda bolsa Awstriýanyň Wena şäherinde BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça ikinji maslahaty geçirildi. Geçirilen maslahatda Hereketleriň Almaty maksatnamasynyň ýerine ýetirilişiniň on ýyllygynyň jemi jemlenildi hem-de täze onýyllygyň 2014 — 2024-nji ýyllar üçin Hereketleriň Wena maksatnamasy kabul edildi. Bu maksatnamanyň maksady deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlaryň ýüzbeýüz bolýan kynçylyklaryny çözmek üçin ählumumy borçlary tassyklamakdan, bu ugurda halkara goldawy bermekden hem-de degişli çäreleri amala aşyrmakdan ybarat boldy.

Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahatyň «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçirilmegi oňa gatnaşyjylaryň ünsüni Hazar deňzine çekmek üçin ajaýyp mümkinçilik bolar. Bu forum, Hazarýaka döwletleriň ulagüstaşyr geçirijilik ukybynyň peýdalanylyşyny işjeňleşdirmäge hem goşant goşar. Aslyýetinde hem, demir ýol ýada awtoulag ulgamy bilen deňeşdirilende, deňiz ýoly arkaly ýük daşamak has arzan düşýär. Ýöne şonda-da muňa garamazdan, Hazarýaka geçelgesiniň üstünden geçýän demir ýoly arkaly Ýewropadan Hytaýa we yzyna harytlary daşamaklygyň, deňiz ulgamy bilen deňeşdirilende, has çalt amala aşyrylýandygy mälimdir.

Deňiz ýoly bilen konteýnerli gämini Hytaýdan Ýewropa ýetirmek üçin 40 gün gerek bolsa, ýaňky konteýnerleri 15 güne golaý wagtda Merkezi Aziýa — Hazar deňzi — Günorta Kawkaz ugry boýunça Ýewropa ýetirmek mümkin. Häzirki wagtda şol mümkinçilikleri Aziýa Ýuwaş ummany sebitinden Merkezi Aziýa we Kawkazyň üsti bilen Ýewropa çykýan Orta Gündogary Ýewropa bilen baglanyşdyrýan «Owganystan — Türkmenistan — Azerbaýjan — Gruziýa — Türkiýe» halkara multimodal ulagüstaşyr geçelgeleri ulanmak boýunça işler durmuşa geçirilýär. Munuň özi ulag geçelgesine gatnaşýan döwletler üçin, bir tarapdan, ýoluň gysgalmagyna, ikinji tarapdan bolsa, ýük akymlaryny epesli tizleşdirmäge we haryt öndürijilerden sarp ediş bazaryna çenli wagt aralygyny azaltmaga mümkinçilik berýär.

Gahryman Arkadagymyz: «Hazaryň kenarynda BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji halkara maslahatyny geçirmek we onuň çäklerinde beýleki medeni-ynsanperwer çäreleri ýaýbaňlandyrmak arkaly Türkmenistan dünýä ýurtlarynyň arasynda dostluk köprüleriniň binýadyny has-da berkider» diýip belleýär.

Ösüşiň täze belentliklerine gadam urýan Diýarymyzda her güni taryhy wakalara beslenýän şanly ýylda ählimiz agzybirlikde, jebislikde çekýän zähmetimiz, gazanýan üstünliklerimiz arkaly Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary esasynda berkarar Watanymyzyň abraýynyň dünýä dolmagy, Ýer ýüzünde parahatçylygyň, ynanyşmagyň, asuda hem abadan durmuşyň rowaçlanmagy üçin yhlasymyzy gaýgyrmaly däldiris. Ýurdumyzyň gülläp ösmegi, halkymyzyň eşretli durmuşyň hözirini görüp ýaşamagy ugrunda taýsyz tagallalar edýän, bütin adamzadyň abadançylygy üçin möhüm başlangyçlary üstünlikli durmuşa geçirýän Gahryman Arkadagymyza we Hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden alkyş aýdýarys.

**Batyr BAÝMYRADOW,**
Arkadag şäheriniň «Daýhanbank»
döwlet täjirçilik bankynyň Bank işlerini
awtomatizasiýalaşdyryş bölüminiň başlygy

## SELJERIŞ MAKALALARY

# KÄMIL PUL-KARZ SYÝASATY WE DURNUKLY YKDYSADY ÖSÜŞ

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda milli ykdysadyýetimizi kämilleşdirmek arkaly ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmak hem-de ýurdumyzy dünýäniň ösen döwletleriniň derejesine ýetirmek boýunça möhüm ykdysady özgertmeler durmuşa geçirilýär.

Pul dolanyşygynyň durnuklylygyny üpjün etmek we durnukly ykdysady ösüşi gazanmak üçin amatly makroykdysady şertleri döretmek, milli ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygyny berkitmek, bank ulgamyny mundan beýläk-de ösdürmek we ony halkara maliýe bazaryna utgaşdyrmak ýaly wezipeler ýurduň pul-karz syýasatynyň esasy ugurlary bolup durýar.

Pul-karz syýasaty, ýurduň ykdysady ýagdaýyna we ondaky bar bolan umumy isleglere täsir edýär. Pul-karz syýasatynyň netijeli ýola goýulmagy üçin geljekde ýurduň makroykdysady görkezijilerine täsir edip biljek daşarky we içerki syýasy, ykdysady we beýleki ýagdaýlaryň deslapdan düýpli seljerilmegi möhüm bolup durýar. Bu ýagdaýda kadalaşdyrmaklygyň möhüm obýekti hökmünde pul bazarlary we puluň massasy çykyş edýär.

Häzirki wagtda dünýä ýurtlarynyň arasynda syýasy we ykdysady gatnaşyklaryň çylşyrymlaşyp, dünýäniň ykdysady taýdan ösen ýurtlarynda puluň hümmetiniň peselýän döwründe ýurtda durnukly ykdysady ösüşi gazanmak, makroykdysady görkezijileri kadaly derejede saklamak, milli puluň durnuklylygyny üpjün etmek, ilatyň durmuş şertlerini has-da ýokarlandyrmak, milli ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygyny berkitmek, bank ulgamyny mundan beýläk hem ösdürmek we ony halkara maliýe bazaryna utgaşdyrmak ýaly wezipeleriň üstünlikli amala aşyrylmagy, diňe kämil pul-karz syýasaty bar bolan ýurda başardyp biler.

Pul-karz syýasaty ýurtlaryň merkezi banklary tarapyndan kesgitlenilýär we ýurduň ykdysadyýetine zerur bolan nagt pullar we karz serişdeler bilen üpjünçiliginiň kadalaşdyrylmagyny karz edaralaryň işjeň gatnaşmaklarynda amala aşyrylýar.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň bank ulgamynyň berk hukuk, ykdysady we guramaçylyk binýady emele getirildi. Türkmenistanyň bank ulgamy iki derejeli bank ulgamy bolup, ol Türkmenistanyň Merkezi bankyndan we karz edaralaryndan emele gelýär. Türkmenistanyň Merkezi banky ýurduň milli banky bolup, onuň işi «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda» Türkmenistanyň Kanuny we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýär. Karz edaralarynyň işleri bolsa «Karz edaralary we bank işi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny hem-de beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýär.

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň esasy maksatlary ýurduň çäginde ýeke-täk kanuny töleg serişdesi hökmünde hereket edýän milli manadyň durnuklylygyny üpjün etmekden, bank ulgamyny ösdürmekden we pugtalandyrmakdan ybarat.

Türkmenistanyň Merkezi banky ýurduň bank ulgamynyň işlemegi üçin zerur hukuk şertlerini we kepilliklerini döredýär, netijeli ýeke-täk döwlet pul-karz syýasatyny durmuşa geçirýär, nagt pul dolanyşygyny guraýar, hasaplaşyk-töleg ulgamynyň netijeli işlemegini üpjün edýär, bank kadalaşdyrmasyny we bank gözegçilik barlagyny guraýar, bahalaryň durnuklylygyny saklamaga gönükdirilen çäreleri amala aşyrýar, şeýle hem Türkmenistanyň halkara ätiýaçlyklarynyň dolandyrylmagyny üpjün edýär we Kanunda göz öňünde tutulan beýleki wezipeleri ýerine ýetirýär.

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň pul-karz syýasatynyň esasy gurallary bolup Türkmenistanyň Merkezi bankynyň amallary boýunça göterim derejeleri, Türkmenistanyň

Merkezi bankynda deponirlenýän ätiýaçlyk talaplaryň möçberleri, açyk bazardaky amallar, karz edaralaryny gaýtadan maliýeleşdirmek, pul interwensiýalary, pul toplumynyň ösüşiniň gözükdirijilerini bellemek, göni mukdar çäklendirmeleri we pul-karz syýasatynyň beýleki gurallary çykyş edýär. Bu gurallaryň iş ýüzünde netijeli ulanylmagy netijesinde milli ykdysadyýetde pul serişdeleriň kadaly hereketi üpjün edilýär.

Türkmenistanyň bank ulgamynyň ösüşiniň esasy ugurlary Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kabul edilen «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022-2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda», «Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynda» hem-de «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021-2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynda» kesgitlenen.

Hormatly Prezidentimiziň ykdysady strategiýasynyň talaplaryna laýyk gelýän pul-karz ulgamyny döretmek, bu ugurda sebitde öňdebaryjy orunlary eýelemek babatynda ähli mümkinçilikler bar. Ykdysadyýetiň pul-karz böleginiň ösüşiniň strategiki maksatlary bolup, býujetiň deňagramlylygyny üpjün etmek, býujet we salgyt syýasatlarynda emele geljek ýagdaýlary öňünden kesgitlenilmegini gazanmak, has ygtybarly we ýokary netijeli karz ulgamyny döretmek ýaly wezipeler çykyş edýärler.

Pul-karz syýasatynyň esasy görnüşleri bolup höweslendiriji we çäklendiriji pul-karz syýasatlary çykyş edýär. Höweslendiriji pul-karz syýasatyny iş ýüzünde ulanmagyň esasy maksady ykdysadyýetiň ýagdaýyny gowulandyrmak, ykdysady işjeňligiň ýokarlanmagyny höweslendirmek hasaplanylýar, şeýle hem bu syýasat işsizlige garşy göreş serişdesi hökmünde ulanylýar. Pul-karz syýasatynyň bu görnüşi puluň hödürlenmegini ýokarlandyrmak boýunça ýurduň Merkezi bankynyň amala aşyrýan çärelerini aňladýar. Höweslendiriji pul-karz syýasatynyň gurallary hökmünde ätiýaçlyk talaplaryň we gaýtadan maliýeleşdirmegiň derejelerini peseltmek, şeýle hem Merkezi bankyň döwletiň gymmatly kagyzlaryny satyn almagy ýaly gurallary degişli edip bolar. Bu gurallaryň iş ýüzünde ulanylmagy netijesinde dolanyşykdaky puluň toplumy artýar.

Çäklendiriji pul-karz syýasaty hakyky jemi içerki önümiň garaşylýan möçberinden ýokary bolan ýagdaýynda, ýagny üpjünçiligiň has ýokary ýagdaýynda we hümmetsizlenmä garşy göreş şertlerinde alnyp barylýar. Ol Merkezi bankyň puluň hödürlenmegini peseltmek boýunça amala aşyrýan çäreleriniň toplumyny aňladýar. Bu çärelere ätiýaçlyk talaplaryň we gaýtadan maliýeleşdirmegiň derejelerini ýokarlandyrmak, Merkezi bankyň döwletiň gymmatly kagyzlaryny satmagy ýaly gurallary degişli etmek mümkindir. Bu gurallaryň iş ýüzünde ulanylmagy netijesinde dolanyşykdaky puluň toplumy azalýar.

Türkmenistanyň Merkezi banky amallar boýunça göterim derejelerini bellemek bilen täjirçilik banklar bilen müşderileriň arasyndaky gatnaşyklardaky göterim derejelere gytaklaýyn täsirini ýetirýär hem-de dolanyşykdaky puluň toplumyny kadalaşdyrýar. Höweslendiriji pul-karz syýasatyny ýerine ýetirmek, ýagny dolanyşykdaky puluň toplumyny köpeltmek üçin göterim derejeleri peseltmek, çäklendiriji pul-karz syýasatyny ýerine ýetirmek, ýagny dolanyşykdaky puluň toplumyny azaltmak üçin bolsa, göterim derejeleri ýokarlandyrmak boýunça degişli işler geçirilýär. Dolanyşykdaky puluň toplumynyň üýtgemegi öz gezeginde gönüden-göni hümmetsizlenmäniň derejesine öz täsirini ýetirýär. Bu sebäpli pul-karz syýasatynyň bu guralyny ulanmagyň wajyplygy has-da artýar. Häzirki wagtda Türkmenistanyň Merkezi bankynyň gaýtadan maliýeleşdiriş göterim derejesi 5 göterime deň. Türkmenistanda hereket edýän kanunçylyga laýyklykda, Türkmenistanyň Merkezi banky amallaryň dürli

görnüşleri boýunça bir ýa-da birnäçe göterim derejelerini bellemäge ýa-da göterim derejesini bellemezden göterim syýasatyny geçirmäge haklydyr.

Türkmenistanyň Merkezi bankynda deponirlenýän ätiýaçlyk talaplaryň möçberlerini bellemeklik ýurduň pul-karz syýasatynyň gurallarynyň biri bolup çykyş edýär we bank ulgamynyň umumy ukyplylygyny düzgünleşdirýär. Ätiýaçlyk talaplarynyň üýtgemegi öz gezeginde gönüden-göni täjirçilik banklarynyň müşderilerine berýän karzlarynyň möçberlerine, netijede bolsa, dolanyşykdaky puluň toplumynyň üýtgemegine öz täsirini ýetirýär. Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan höweslendiriji pul-karz syýasatyny ýerine ýetirmek üçin ätiýaçlyk talaplaryň derejelerini peseltmek, çäklendiriji pul-karz syýasatyny ýerine ýetirmek üçin bolsa ätiýaçlyk talaplaryň derejelerini ýokarlandyrmak boýunça işler geçirilýär.

Häzirki döwürde ýurdumyzyň karz edaralarynyň Türkmenistanyň Merkezi bankyna hökmany ätiýaçlyklaryna geçirmeli möçberleri edara görnüşli taraplardan milli puldaky möhletli serişdeleri boýunça 5 göterime, edara görnüşli taraplardan milli puldaky gaýry serişdeleri boýunça 12 göterime, edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky möhletli serişdeleri boýunça 6 göterime, edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky gaýry serişdeleri boýunça 9 göterime deň. Türkmenistanda hereket edýän kanunçylyga laýyklykda ätiýaçlyk talaplarynyň kadalaşdyryjysy karz edarasynyň borçnamalarynyň 20 göteriminden ýokary geçip bilmez we bu dürli karz edaralary üçin tapawutly bolup biler.



Açyk bazardaky amallar Türkmenistanyň Merkezi bankynyň pul-karz syýasatynyň gurallarynyň biri hökmünde çykyş edip, ol Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan döwletiň gymmat bahaly kagyzlarynyň, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň gymmatly kagyzlarynyň, şol sanda bergidarlyk gymmatly kagyzlarynyň satyn alynmagyna-satylmagyna, şeýle hem soňundan gaýdymlaýyn geleşigi amala aşyrmak hukugy bilen görkezilen gymmatly kagyzlar bilen gysga möhletli amallara düşünilýär. Türkmenistanyň Merkezi banky pul toplumynyň möçberini kadalaşdyrmak maksady bilen gös-göni öz adyndan ýa-da gymmatly kagyzlary gaýtadan satyn almak we satmak boýunça bellenilen çägiň çäklerinde açyk bazardaky amallary amala aşyrýar.

Döwlet tarapyndan kadalaşdyrylýan pul-karz syýasatynyň gurallarynyň netijeli işleýändigine baha bermek üçin ykdysadyýetde nagt pul dolanşygynyň mukdar taýdan üýtgemegine we karz serişdeleriniň nyrhyna bolan islegleriň hem-de teklipleriň üýtgemek ýagdaýlaryny hemişe seljermek möhümdir. Şunda, makroykdysady görkezijiler seljerilende, ilkinji nobatda M0 we M1 pul agregatlarynyň ýagdaýyny pul-karz syýasatynyň esasy gurallary bolan nagt puluň emissiýasynyň mukdaryndan, Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan kesgitlenilýän karz edaralaryny gaýtadan maliýeleşdirmekligiň derejesinden, göni mukdar çäklendirmelerden we beýleki gurallardan işjeň peýdalanylýar.

Durnukly ykdysady ösüşiň dowam edýän döwründe ýurduň ykdysadyýetini kadaly dolandyrmaga zerur bolan nagt puluň mukdaryny kesgitlenende, puluň töleg serişdesi, maýa toplaýyş we dünýä puly ýaly wezipelerine esaslanylýar. Şunda, nagt puluň mukdar taýdan üpjün edilmegini ýurtda belli bir döwürlerde jemi içerki öndürilen önümiň we edilen hyzmatlaryň ösüşinden, ilatyň zähmet haklarynyň ýokarlandyrylmagyndan, pul aýlanşygynyň

tizliginden we beýleki täsir edip biljek ýagdaýlardan ugur alynýar.

Ýurdumyzda netijeli pul-karz syýasatyny amala aşyrmakda Türkmenistanyň Merkezi banky bilen bir hatarda Türkmenistanyň karz edaralary hem wajyp orny eýeleýär. Olar ýokary hilli bank önümleriniň innowasion ösüşine öz maliýe serişdelerini gönükdirmek bilen, bank hyzmatlarynyň halkara bazarynda mynasyp orny eýeleýärler. Şunuň bilen birlikde, ýurdumyzyň karz edaralary öz işinde programma üpjünçilikleriň we tehnologiýalaryň täze görnüşlerini ulanýarlar. Öňdengörüjilikli, uzak möhletli ösüş meýillerini işläp taýýarlamak bilen, ýurdumyzyň banklary içerki, şeýle hem daşary ýurt maliýe hyzmatlarynyň bazarlaryny düýpli öwrenýärler. Innowasion hyzmatlarynyň hiliniň we olaryň ýerine ýetiriliş tizliginiň artmagyna aýratyn üns bermek bilen, karz edaralary, ilkinji nobatda, müşderileriň bank önümlerine bolan isleglerini doly kanagatlandyrmagyň anyk çözgütlerini işläp düzýärler.





Milli ykdysadyýetimizi durnukly we deňagramly ösdürmäge gönükdirilen Türkmenistanyň orta möhletli geljegi üçin karz edaralarynyň ygtybarlylygyny we durnuklylygyny ýokarlandyrmak, banklaryň serişdeler binýadyny artdyrmak, banklarda elektron resminama dolanyşyk ulgamyny kämilleşdirmek boýunça degişli işler alnyp barylýar. Banklara ýokary hilli innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak arkaly bank işjeňligini döwrebaplaşdyrmak, şahamçalara geçiriş ulgamynyň hilini we tizligini ýokarlandyrmak işleri durmuşa geçirilýär. Bu ugurda ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan hyzmatlar bazarynda halkara karz institutlarynyň tejribesini öwrenilmegi maksadalaýyk hasaplanylýar.

Türkmenistanda karz edaralary tarapyndan berilýän karzlaryň düzüminde uzak möhletli karzlaryň, hususan-da ösen tehnologiýalary özünde jemleýän önümçilik desgalaryny karzlaşdyrmagyň paýy düýpli artdyrylýar. Bu hem öz gezeginde, karz işiniň girdejili bolmagyny ýokarlandyryp, karzlaryň hil görkezijileri bilen utgaşdyrylýar. Karz işjeňliginiň esasy ugurlary önümçilik karzlaryny, ipoteka karzlaryny we sarp ediş karzlaryny ösdürmekden ybaratdyr. Karzlaşdyrma hyzmatlarynyň ýerine ýetirilmeginiň derejesini ýokarlandyrmak ugrunda hususy kärhanalara we telekeçilere karz edaralaryň karz goldawynyň esasynda durmuşa geçiriljek maýa goýum taslamalarynyň işewürlik meýilnamasyny düzmäge ýardam bermek boýunça degişli işler geçirilýär.

Türkmenistanda hereket edýän karz edaralar tarapyndan özbaşdak pul-karz syýasaty işlenip düzülendir. Şol karz syýasatyna laýyklykda, döwrüň talaplaryna görä karz edaralar dürli görnüşli karz hyzmatlaryny müşderilere hödürleýärler. Karz edaralar tarapyndan karz amallarynyň ykdysady taýdan netijeliligine, şeýle-de müşderiniň bähbidine esaslandyrlan

göterim syýasaty hem-de berilýän karzlaryň elýeterliligi yzygiderli gözegçilikde saklanylýar.

Ýurdumyzda karz edaralary karz boýunça göterimiň hem-de hyzmat haky töleginiň möçberini özbaşdak belleýärler. Karzy peýdalanmak üçin göterimiň möçberi, şeýle hem hasaplanylan göterimleri tölemegiň möhletleri karz şertnamasy bilen bellenilýär. Karz boýunça göterimler karzy peýdalanmagyň hakyky wagty üçin Türkmenistanyň Merkezi bankynyň kadalaşdyryjy namalaryna laýyklykda karz edaralary tarapyndan hasaplanylýar.

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň «Bankyň karz bermegi hakynda» Düzgünnamasyna laýyklykda karzlar berilýän möhletlerine baglylykda gysga we uzak möhletlere bölünýär. Karz edaralary tarapyndan berilýän karzlar bir gezekde bermek görnüşinde ýa-da karz ugruny açmak görnüşinde berilýär.

Karz ulgamy tarapyndan ykdysadyýetiň pudaklaryna, şol sanda onuň döwlete degişli däl bölegine berilýän karzlar olara ýeterlik möçberde dolanyşyk serişdeleri almaga, öňdebaryjy tehnikalary we innowasion tehnologiýalary önümçilige ornaşdyrmaga, önümçilik maksatly işleri çaltlandyrmaga, ýokary ykdysady netijeliligi gazanmaga mümkinçilik berýär.

Raýatlara berilýän karzlar bolsa, olaryň isleglerini maksadalaýyk kanagatlandyrmaga niýetlenen has oňaýly ýaşaýyş jaýlaryny satyn almaklaryny we beýleki maddy gymmatlyklaryny edinmeklerini tizleşdirýär. Şonuň üçin banklar ýurduň ykdysadyýetine we ilata berilýän karz serişdeleriniň möçberini yzygiderli artdyrýarlar. Milli bank ulgamynda amala aşyrylýan oňyn özgertmeleriň netijesinde karz gatnaşyklaryny alyp barmak esasy şertleriň biri bolup durýar. Şonuň üçin ýurdumyzyň karz edaralary özleriniň ýöredýän karz syýasatlaryny yzygiderli kämilleşdirýärler.

Ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan ýerine ýetirilýän amallaryň düzümini giňeltmegiň, bank hyzmatlarynyň hilini gowulandyrmagyň, ýurduň ykdysady we durmuş ösüşinde bank ulgamynyň ähmiýetini ýokarlandyrmagyň möhüm şertleriniň biri banklaryň serişdeler binýadyny artdyrmak we olaryň aktiwleriniň hem-de passiwleriniň düzümini amatly derejelerde goýmak bilen baglanyşyklydyr.

Bank hyzmatlarynyň has kämil görnüşleriniň girizilmegi, bu ugurda daşary ýurt tejribesiniň düýpli öwrenilmegi, şeýle-de onuň milli ykdysadyýetimiziň aýratynlyklarynyň göz öňünde tutulyp ýurdumyzyň bank ulgamyna ornaşdyrylmagy bank işiniň döwrüň talabyna laýyklykda kämilleşdirilmegine, hyzmatlaryň döwrebap görnüşleriniň döremegine, bank ulgamynyň müşderileriniň sanynyň yzygiderli artmagyna we milli banklaryň bäsdeşlige ukyplylygynyň ýokarlanmagyna ýardam berýär.

Mundan başga-da ýurdumyzda karz edaralary tarapyndan hödürlenilýän döwrebap sanly hyzmatlaryň görnüşleri yzygiderli artdyrylýar. Sanly ulgamda «Internet-bank», «Mobil-bank», «Elektron söwda», «Galkynyş», «Halkbank terminal», «Galtaşyksyz töleg», «VISA Virtual», «Menzilara bank», «Sanly kart», «Sanly töleg», «Sanly karz» ýaly hyzmatlar arkaly nagt däl hasaplaşyklary geçirmek üçin giň mümkinçilik döredilen. Bu onlaýn hyzmatlaryň kömegi bilen karzlary resmileşdirmek, internet ulgamy arkaly bank hasaplaryny görmek, elektron göçürmelerini almak we elektron töleg tabşyryklaryny taýýarlamak, onlaýn görnüşinde täze bank kartlaryny açmak, bir kartdan beýleki bir karta pul serişdelerini geçirmek ýaly amallary ýerine ýetirip bolýar.

Öňdebaryjy usullar, iň täze tehnologiýalar arkaly nagt däl tölegleriň amala aşyrylmagyna, döwrüň talaplaryna laýyk gelýän we dünýä tejribesinde işjeň ulanylýan bank kartlaryny, dürli ykjam goşundylary ulanmak bilen ýerine ýetirilýän amallaryň gerimini giňeltmäge, elektron töleg ulgamyny yzygiderli döwrebaplaşdyrmaga, onuň goraglylygyny üpjün etmäge uly

ähmiýet berilýär. Şonuň bilen birlikde, bank hyzmatlarynyň täze görnüşlerini ornaşdyrmak, hödürlenilýän hyzmatlaryň hilini düýpli ýokarlandyrmak, degişli infrastrukturany, onuň programma-tehniki üpjünçiligini döretmek, ugurdaş hünärmenleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak babatda degişli işler durmuşa geçirilýär.

Geçirilýän bu işleriň ählisi banklaryň müşderiler bilen aragatnaşyk usullarynyň döwrebaplaşmagyna, sarp edilýän wagty we harajatlary tygşytlamaga, amallary öz wagtynda geçirmäge, ýurtda durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmäge, netije-de ýurdumyzyň raýatlarynyň hal-ýagdaýyny has-da gowulandyrmaga gönükdirilendir.

Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň ileri tutulýan ugurlarynyň durmuşa geçirilmegi döwlete dahylly we dahylsyz kärhanalara, guramalara, önümçilik pudaklaryna we ilata döwrebap bank hyzmatlarynyň hödürlenilmegini, bank hyzmatlarynyň hilini gowulandyrmaga, pul dolanyşygyny çaltlandyrmak boýunça çäreleri amala aşyrmaga, netijeli pul-karz syýasatyny geçirmäge we milli puluň satyn alyjylyk ukybyny berkitmäge ýardam berer.

Hormatly Prezidentimiziň bank hyzmatlarynyň sanlylaşdyrylmagyna we hiliniň innowasion ösüşine gönükdirilen öňdengörüjilikli başlangyçlary täze toplumlaýyn işleriň amala aşyrylmagyna giň ýol açýar. Ýurdumyzyň bank ulgamy tarapyndan geçirilýän oýlanyşykly pul-karz syýasaty halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini gowulandyrýar, şeýle hem, milli ykdysadyýetimiziň kämilleşdirilmegini hem-de diwersifikasiýalaşdyrlyp ösdürilmegini üpjün edýär.

Halkymyzyň abadançylygy, rowaçlygy ugrunda ýadawsyz tagallalar edýän, bank ulgamynyň işini mundan beýläk-de kämilleşdirmäge amatly şertleri döredip berýän türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun! Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Watanymyzyň asudalygy, il-günümiziň abadan, bolelin durmuşda ýaşamagy ugrundaky alyp barýan işleri hemişe rowaçlyga, üstünlige beslensin!

**Dünýägözel HAÝYTOWA,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Ylmy-önümçilik geňeşiniň baş hünärmeni

# SELJERIŞ MAKALALARY

## TÜRKMENISTANYŇ «HALKBANK» PAÝDARLAR TÄJIRÇILIK BANKYNYŇ DÖWREBAP HYZMATLARYNYŇ ÖSÜŞI

Häzirki döwrüň beýik özgertmelerine mynasyp gadamyny goşýan döwletimiziň milli ykdysadyýetiniň ähli ugurlarynda depginli özgertmeler durmuşa geçirilýär. Bu işler ilkinji nobatda, döwrüň talaplaryndan ugur alnyp, hormatly Prezidentimiziň durmuşa geçirýän parasatly syýasatynyň esasynda halkymyzyň bähbidini nazarda tutýar. Beýleki ulgamlar bilen gyradeňlikde ýurdumyzyň maliýe-bank ulgamynyň ösüş depgini hem bazar gatnaşyklaryna geçilýän häzirki şertlerde barha ýokarlanýar. Munuň esasy sebäbi bazar gatnaşyklarynyň öňi bilen ähli ykdysady gurallaryň işjeňligini talap edýändigi bilen aýrylmaz baglydyr. Şu nukdaýnazardan, banklar ykdysadyýetiň hereketlendiriji güýjüne öwrülýär. Munuň şeýledigini beýik özgertmelere beslenýän «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda» halkymyza döwrebap hyzmatlary hödürleýän Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň ösüş depgininiň mysalynda hem görmek bolýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistanyň ykdysady taýdan ösüşinde ýurdumyzyň karz edaralarynyň, olaryň hödürleýän hyzmatlarynyň aýratyn ähmiýete eýedigini bu ugurda alnyp barylýan işler we ondan gelip çykýan netijeler aýdyň görkezýär. Şunda öňde durýan umumy jemgyýetçilik wezipelerini durmuşa ornaşdyrmagyň derwaýyslygy Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň alyp barýan işinde raýatlara ýetirýän hyzmatlary babatda aýdyň beýanyny tapýar. Bankyň hyzmatlarynyň döwrebaplaşdyrylmagy, oňa jemgyýetiň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has ýeňilleşdirýän hyzmatlaryň, sanly çeşmeleriň girizilmegi onuň häzirki zaman ösüş ugrunyň esasyny kesgitleýär. Bu aýdylanlary bankyň häzirki netijelerinden hem görmek bolýar. 2025-nji ýylyň 1-nji iýuly ýagdaýyna bankyň arassa peýdasy 63,62 million manada deň boldy. Şunuň bilen birlikde  karz we goýumlar, pul geçirimleri, töleg terminal we olary kärendesine bermek hyzmatlary, bank kartlary, sanly hyzmatlar we beýleki amallardyr hyzmatlar boýunça ýokary netijeler gazanyldy.

Mälim bolşy ýaly, bank tarapyndan häzirki wagta çenli ýuridik we fiziki şahslara karzlaryň dürli görnüşleri hödürlenip gelinýär. Karzlaşdyrmagyň möçberi yzygiderli artmak bilen, bu babatda şu ýylyň 1-nji iýulyna çenli 7807,11 million manat möçberinde ýaşaýyş jaýyny satyn almak üçin ýeňillikli şertlerde karzlar, 1167,16 million manat möçberde önümçilik  maksatly karzlar, 694,93 million manat möçberde ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygy üçin resmileşdirilen  karzlar, 70,77 million manat möçberde gurluşyk maksatly karzlar, 2263,52 million manat  möçberde sarp ediş karzlary, 23,66 million manat möçberde ýaş çatynjalar üçin karzlar, 31,10 million manat möçberde ýaşaýyş jaýlaryny satyn almak üçin karzlar, şeýle hem 6,34 million manat möçberde toý dabaralaryny geçirmek üçin karzlar üpjün edildi. Munuň özi bankyň karzlaşdyrmak syýasatynyň netijeli alnyp barylýandygynyň subutnamasydyr.

Bank tarapyndan gazanylan üstünlikleriň hatarynda hasaplaşyk-kassa amallaryny ýerine ýetirmek, şol sanda 2009-njy ýyldan bäri «Gyrat» nagt pul geçirimlerini amala aşyrmak boýunça edilýän işleriň netijeleri hem guwandyryjydyr. Şunuň bilen baglylykda, şahsy taraplar jemagat hyzmatlary üçin tölegleri, Içeri işler ministrliginiň tölegleri, saglygy goraýyş, ätiýaçlandyryş üçin tölegler kabul edilýär. Bu ugurda bankyň hyzmatlaryndan peýdalanýan müşderileriň sany hem yzygiderli artmak bilen. 2025-nji ýylyň 1-nji iýuly ýagdaýyna hyzmat edilýän müşderileriň jemi sany 1 442,2 müňe ýetdi, şolaryň 2,5 müň sanysy ýuridik taraplar hem-de 1439,7 müň sanysy bolsa fiziki taraplar bolup durýar.

Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň raýatlara hödürleýän hyzmatlarynyň hatarynda töleg amallaryny ýeňilleşdirýän işlere uly ähmiýet berilýär. Prosessing merkezini dolan-

dyrmak, şol sanda beýleki banklaryň bankomatlaryny, töleg terminallaryny, bank kartlaryny milli töleg ulgamynda hasaba almak boýunça ýerine ýetirilýän işler bellenilmäge mynasypdyr. Şeýle hem söwda we hyzmat ediş nokatlarynda gurnamak üçin töleg terminallaryny kärendä bermek hyzmaty ýerine ýetirilip gelinýär. Gürrüňi edilýän döwre çenli bank tarapyndan ýurt boýunça 5184 sany töleg terminaly gurnaldy. Mundan başga-da «Altyn asyr» kartlary, «Goýum bank kartlary», «Maşgala», «Owerdraft», pensioner, telekeçileri kartlary, halkara «VISA» bank kartlary ýaly dürli görnüşli bank kartlaryny dolanyşyga goýbermek işleri hem işjeň dowam etdirildi. 2025-nji ýylyň 1-nji iýuly ýagdaýyna bank tarapyndan jemi 834,5 müň sany bank kartlary dolanyşyga goýberildi.





Bank tarapyndan ilatyň erkin pul serişdelerini möhletli we talap edilýänçä goýumlara çekmek boýunça hem degişli işler yzygiderli alnyp barylýar. Olara mysal hökmünde bankyň hödürleýän 3 we 6 aý möhletli, «Hemaýat», «Halk» we «Beýik Galkynyş» atly möhletli goýumlaryny, talap edilýänçä goýumlaryny görkezmek bolar. Şunda 2025-nji ýylyň 1-nji iýuly ýagdaýyna ilatyň goýumlarynyň möçberi 596,82 million manada deň boldy. Goýum görkezijisi ýylsaýyn ýokarlanmak bilen, bankyň öz hyzmatlarynyň ygtybarly ýerine ýetirmegi netijesinde oňa raýatlaryň barha berk ynam bildirýändigini, özara bähbitli hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň oňyn häsiýete eýe bolýandygyny aýdyň äşgär edýär.

«Türkmenistanda 2019 — 2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasynyň» çäklerinde beýleki ugurlar bilen bir hatarda, maliýe-bank ulgamynda dünýä tejribesine kybap gelýän sanly hyzmatlary işläp taýýarlamak we bar bolanlaryny has-da kämilleşdirmekde uly öňegidişlik gazanyldy.

Şu günüň nukdaýnazaryndan seljerilende, sanly bank hyzmatlarynyň umumy ösüşi ýokary bolup, raýatlar üçin oňaýlylygy döredýän özgertmeler amala aşyrylýar. Sebäbi maglumat ulgamlary tehnologiýalary pudagynda, tehnologik ösüşiň täzeçil ugurlaryny ýola goýmakda milli tejribe baýlaşýar. Dünýädäki özgertmeler bilen deň derejede ösmegi nazarlaýan çemeleşmeler oňyn netije berýär. Sanly bank hyzmatlarynyň yzygiderli kämilleşdirilýändigine Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň hyzmatlarynyň mysalynda hem göz ýetirmek bolýar.

Bank tarapyndan sanly ulgam arkaly ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň depginini ösdürmek maksady bilen, «Internet-bank», «Mobil-bank», «Talyp tölegi», «Halkbank terminal», «Sanly töleg», «Sanly karz» ýaly hyzmatlar girizildi. 2025-nji ýylyň 1-nji iýuly ýagdaýyna «Sanly töleg» hyzmaty arkaly jemi 184,2 müň sany ýüzlenme gelip gowuşdy we olardan  29,5 müň sany raýat bu hyzmata birikdirildi. Şeýle hem 2025-nji ýylyň ýanwar-iýun aýlarynda «Sanly karz» ulgamyna birikdirilen müşderilerden 1,7 müň sanysyna karz serişdeleri resmileşdirildi.

Bankyň resmi internet sahypasy arkaly karz almak we bank kartyny sargyt etmek üçin «Internet-bank», «Elektron söwda», «onlaýn ýüzlenme» ulgamlaryna birikdirmek hyzmaty

ýaly onlaýn hyzmatlaryndan işjeň peýdalanylmagy raýatlar üçin giň mümkinçilikleri açyp, olary gymmatly wagtlaryny we serişdelerini tygşytlamaga ýardam edýär. Şeýle hem ol raýatlaryň sanly sowatlylygynyň ýokarlanmagynda esasy şertleriň biri bolup hyzmat edýär.

2025-nji ýylyň 1-nji iýuly ýagdaýyna bankyň «Internet-bank» we «Mobil-bank» hyzmatyny ulanyjylarynyň sany 2,2 müňe, «Talyp tölegi» ulgamyny ulanyjylarynyň sany 29,5 müňe, internet arkaly söwda we hyzmat etmek üçin gurnalan «E-com» terminallaryň sany 0,6 müňe deň boldy. Şunuň bilen baglylykda, bank tarapyndan nagt däl görnüşdäki hasaplaşyklaryň möçberini artdyrmak maksady bilen köp sanly işleri, şol sanda 3 göterimli «Cashback» höweslendirme amaly geçirilýär.

Gürrüňi edilýän döwre çenli bankyň kart ulgamynda jemi 2 207,04 million manatdan gowrak möçberde nagt däl hasaplaşyklar geçirildi. Şol sanda töleg terminallary arkaly 1089,16 million manat, bankomatlar arkaly 46,27 million manat, «Internet-bank», «Mobil-bank» we «Elektron söwda» ulgamlary arkaly 1071,62 million manat möçberde nagt däl hasaplaşyklar geçirildi. Nagt däl hasaplaşyklaryň barha giň gerime eýe bolmagy hyzmatlardan ýeňil we çeýe usulda peýdalanýanlaryň sanynyň artmagyna, howpsuz sanly gurşawyň uly ähmiýete eýe bolmagyna ýol açýar.

«Türkmenistanda 2021 — 2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Döwlet maksatnamasynda» bellenenlerden ugur alyp, Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banky Aşgabat şäher häkimligi bilen bilelikde jemagat hyzmatlarynyň tölegleriniň tölenenligi baradaky maglumatlaryny bankdan onlaýn görnüşinde ibermek mümkinçiligi ýola goýuldy.

Mundan başga-da raýatlar Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň ýol gözegçilik gulluklary tarapyndan hasaba alnan jerimeleri boýunça tölegleri bankyň hödürleýän sanly hyzmaty arkaly tölän halatynda tölegi amala aşyrylandygy baradaky maglumatlar degişli edaranyň maglumat binýadyna awtomatiki usulda geçirilýär.

Bu görkezijiler bank tarapyndan ýerine ýetirilýän işleriň oňyn häsiýete eýedigini tassyklamak bilen, täze taslamalaryň durmuşa geçirilmegi üçin giň mümkinçilikleriň bardygyny, netijede müşderileriň sanynyň barha artýandygyny, bankyň milli maliýe-bank ulgamynda özboluşly hem-de täsirli orny eýeleýändigini aýdyň görkezýär. Çünki bank ulgamynyň häzirki zaman ösüş ugurlary milli maksatnamalar esasynda tapgyrlaýyn durmuşa geçirilip, günsaýyn oňyn netijeleri berýär.

Umuman, bankyň netijeli işinde «Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda» göz öňüne tutulýan wezipelere, has takygy halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini, ýurdumyzyň syýasy-ykdysady, durmuş we medeni mümkinçiliklerini ýokarlandyrmak bilen bagly öňde durýan maksatlara, şol sanda raýatlara has amatly we ýeňillikli hyzmatlary ýetirmeklige uly orun berilýär.

**Jennet MÄMMEDOWA,**
Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik
bankynyň Maliýe ykdysady seljeriş we usulýet
müdirliginiň Usulyýet bölüminiň esasy hünärmeni

## SELJERIŞ MAKALALARY

# YKDYSADY ÖSÜŞ — DURMUŞ ABADANÇYLYGYNYŇ GÜWÄSI

Ösüşleriň we özgertmeleriň ynamly ýoly bilen öňe barýan ýurdumyzda milli ykdysadyýeti çalt depginler bilen ösdürmek, döwlet syýasatynda ileri tutulýan ugurlaryň biri bolup durýar. Hormatly Prezidentimiziň pähim-paýhasly ýolbaşçylygynda alnyp barylýan tutumly işleriň netijesinde ykdysadyýeti köpugurly ösdürmek halkymyzyň hal-ýagdaýyny has-da gowulandyrmaga, ilatyň abadan we eşretli durmuşda ýaşamagyny üpjün etmäge gönükdirilýär.

Bu ugurda durmuşa geçirilýän düýpli özgertmeler Türkmenistana jemi içerki önümiň ýokary ösüş depginini, senagat önümçiliginiň möçberiniň, daşary söwda dolanyşygynyň, ýurduň azyk bolçulygynyň içerki bazarlardaky nyrhlaryň durnuklylygyny üpjün etmäge mümkinçilik berýär. Milli ykdysadyýetimiziň pudaklaryna innowasion tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagyna, durmuş-ykdysady maksatnamalaryň, iri maýa goýum taslamalarynyň durmuşa geçirilmegine gönükdirilýän maliýe serişdeleriniň möçberi has-da artdyrylýar.

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyna», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna», şeýle hem «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2019 — 2025-nji ýyllar üçin Konsepsiýasyna» laýyklykda milli ykdysadyýetimizi diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmek, telekeçiligi goldamak, önümçilik maksatly kärhanalary gurmak, bar bolanlarynyň önümçilik kuwwatlylygyny artdyrmak we sanlylaşdyrmak, eksport maksatly harytlaryň möçberlerini artdyrmak babatdaky işler geljekde ykdysady taýdan uly ösüşleriň gazanylmagy üçin şertleri döredýär. Olar ykdysadyýetiň nebitgaz, himiýa, energetika, söwda, senagat, oba hojalygy ýaly ugurlaryny öz içine almak bilen, ykdysady syýasatyň möhüm strategiýasyny durmuşa geçirmekde täze mümkinçilikleri açýar. Şunuň bilen baglylykda, ykdysady durnuklylygy saklamak, kämil bazar ykdysadyýetini emele getirmek, dünýäniň öňdebaryjy kompaniýalary bilen hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmek ileri tutulýar.



Şunuň bilen baglylykda şu ýylyň 11-nji iýulynda geçirilen Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde 2025-nji ýylyň ýanwar-iýun aýlarynyň jemleri boýunça ýerine ýetirilen işleriň netijeleri bilen baglanyşykly berlen hasabatlar, beýan edilen makroykdysady görkezijiler kabul edilen maksatnamalaryň üstünlikli durmuşa geçirilýändigine şaýatlyk edýär. Hasabat döwründe jemi içerki önümiň 6,3 göterim, jemi öndürilen önümiň bolsa geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 9,9 göterim artmagy milli ykdysadyýetimiziň pudaklaryny durnukly ösdürmek, innowasion tehnologiýalar esasynda ýokary hilli, bäsdeşlige ukyply önümleriň öndürilişini artdyrmak boýunça öňde goýlan wezipeleriň üstünlikli berjaý edilýändigini görkezýär.

Häzirki wagtda «Türkmenistany 2025-nji ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasynda», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda

durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» bellenen wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmek boýunça giň gerimli özgertmeler durmuşa geçirilýär.

«Türkmenistany 2025-nji ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasyna» laýyklykda döwletimiziň ykdysady kuwwatyny pugtalandyrmak, maýa goýumlaryň netijeliligini, ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygyny artdyrmak, ähli pudaklaryň, hyzmatlar ulgamynyň depginli ösüşini üpjün etmek, eksport mümkinçiliklerini giňeltmek, sanly we «ýaşyl» ykdysadyýeti ösdürmek, kiçi hem orta telekeçiligiň işini ilerletmek, raýatlaryň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmak boýunça işler alnyp barylýar. Maksatnama laýyklykda şu ýylda jemi içerki önümiň ösüş depginini 6,3 göterim derejesinde saklamak, ýurdumyzyň sebitlerini durnukly ösdürmek, önümçilik kärhanalarynyň doly güýjünde işledilmegini gazanmak, täze kärhanalary gurmagyň hasabyna müňlerçe täze iş ornuny döretmek meýilleşdirilýär.

«Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyny» laýyklykda işewürlik gurşawyny döwrebaplaşdyrmak boýunça amala aşyrylýan işleriň, kiçi, orta we iri telekeçiligiň geriminiň giňemegi esasynda ykdysadyýetde hususy pudagyň paýy yzygiderli artýar. Kiçi we orta telekeçiligi mundan beýläk-de döwlet tarapyndan goldamak, işewürligi kämilleşdirmegiň hasabyna ykdysadyýetde hususy taraplaryň we jemi içerki önümiň düzüminde hususy pudagyň paýyny 71,6 göterime ýetirmek meýilleşdirilýär.

Bazar gatnaşyklaryny pugtalandyrmak syýasatyny alyp barmak bilen, Türkmenistan amatly hukuk, ykdysady, maliýe we durmuş şertlerini döredip, telekeçilik işini hemmetaraplaýyn höweslendirýär. Bu ugurdaky degişli kadalaşdyryjy hukuknamalar kämilleşdirilýär, netijeli býujet, salgyt, pul-karz syýasatlary durmuşa geçirilýär. Döredilýän mümkinçilikleriň we ýeňillikleriň netijesinde hususy telekeçileri ýyl-ýyldan täze iş ugurlaryny özleşdirýärler, daşary ýurtlaryň öňdebaryjy tejribesini içgin öwrenýärler, işewür hyzmatdaşlar bilen gatnaşyklary ýola goýýarlar hem-de ýurdumyzy kuwwatly, senagat taýdan ösen döwlete öwürmäge mynasyp goşant goşýarlar.

«Türkmenistany 2025-nji ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasyna» laýyklykda hususy kärhanalaryň we telekeçileriň önümçiligini ösdürmek bilen bagly taslamalar üçin karz serişdeleriniň berilmegi, ilatyň ýaşaýyş jaý şertlerini gowulandyrmak üçin ýeňillikli şertlerde karzlaryň berilmegi dowam etdirilýär. Bank ulgamynda hödürlenilýän sanly hyzmatlaryň görnüşleri, elektron tölegleriň gerimleri artdyrylýar, ykdysadyýeti ösdürmäge maliýe goldawy berlip, milli puluň hümmetini durnukly saklamak boýunça netijeli çäreler geçirilýär. Maksatnama laýyklykda şu ýylyň ýanwar-iýun aýlarynda maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna milli ykdysadyýetimizi ösdürmäge gönükdirilen maýa goýumlaryň möçberi jemi içerki önümiň 17,7 göterimine deň boldy. Özleşdirilen düýpli maýa goýumlaryň 44,8 göterimi önümçilik, 55,2 göterimi bolsa durmuş-medeni maksatly binalaryň gurluşygyna gönükdirildi. Hasabat döwründe ýurdumyzda 17,8 milliard manat möçberinde düýpli maýa goýumlar özleşdirildi, bu görkeziji geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 15,6 göterim artandygy bellenilmäge mynasypdyr.

Ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan ykdysadyýetiň ileri tutulýan pudaklaryny ösdürmek, hususyýetçileri döwlet tarapyndan goldamak, ýurdumyzyň ilatynyň durmuş zerurlyklaryny kanagatlandyrmak maksady bilen ýokary amatlyklary bolan ýaşaýyş jaýlaryny satyn almak, şeýle-de maýa goýum taslamalaryny uzak we orta möhlete çekilen serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirmek üçin karz serişdeleriň berilmegi dowam edilýär. 2025-nji ýylyň 1-nji iýuly ýagdaýyna Aşgabat we Arkadag şäherlerinde hem-de ýurdumyzyň welaýatlarynda raýatlara

gozgalmaýan emlägi satyn almak üçin berlen ipoteka karzlarynyň görkezijisi geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 20,2 göterim artdy.

Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň pudaklarynda oňyn görkezijileriň gazanylmagy oýlanyşykly maksatnamalaryň durmuşa geçirilmegi bilen birlikde, döwletimiz tarapyndan gönükdirilýän maýa goýumlaryň üstünlikli özleşdirilýänliginiň netijesidir. Ýurdumyzda işjeň maýa goýum syýasatynyň amala aşyrylmagy, innowasion önümçilikleriň işe girizilmegi, öňden hereket edýän kärhanalaryň durkunyň täzelenmegi daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan hem-de eksport ugurly önümçiligiň ýokarlanmagyna, täze iş orunlarynyň döredilmegine, ilatyň iş bilen üpjünçiliginiň gowulanmagyna ýardam berýär.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary netijesinde milli ykdysadyýetimizde okgunly ösüşler gazanylýar. Bu ösüşler mähriban halkymyzyň şu günki bagtyýar durmuşyny üpjün edip, geljekki rowaçlyklarynyň binýadyny berkidýär. Ata Watanymyzyň gülläp ösmegi, halkymyzyň bagtyýar durmuşy barada uly alada edýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, il-ýurt bähbitli beýik işleri rowaç bolsun!

**Begençmyrat ILAMANOW,**
Türkmen-Türk paýdarlar täjirçilik bankynyň
Maliýe hasabatlary we ylmy-önümçilik bölüminiň
müdiriniň orunbasary



## SELJERIŞ MAKALALARY

# DÖWLET MAKSATNAMASYNA EÝERIP

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiz günsaýyn ösýär, özgerýär.

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyna» laýyklykda ykdysadyýetimiziň ähli pudaklary bilen bir hatarda oba hojalyk pudagyny ösdürmek boýunça öňde goýlan wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmek, azyk bolçulygyny döretmek, şeker önümçiligini ösdürmek maksady bilen, ýurdumyzda gant şugundyrynyň hasyllylygyny ýokarlandyrmak we onuň ekilýän meýdanlaryny giňeltmek, oba senagat toplumynyň eksport mümkinçiligini artdyrmak boýunça oňyn işler alnyp barylýar. Oba hojalygynda döwlet tabşyrygyna degişli ekinler pagta, bugdaý, şaly we gant şugundyry bolup durýar.

«Türkmenistanda 2025-nji ýylda gant şugundyryny öndürmek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararyna laýyklykda Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankyna Türkmenistanyň Merkezi bankynyň karz serişdeleriniň hasabyna «Maryşeker» paýdarlar jemgyýeti bilen şertnama baglaşan önüm öndürijilere gant şugundyryny ösdürip ýetişdirmek üçin önümçilik harajatlaryny maliýeleşdirmek hem-de önüm öndürijiler bilen hasaplaşyklary geçirmeklik maksady bilen, «Maryşeker» paýdarlar jemgyýetine ýyllyk 2 göterim derejesinde karz ugruny açyldy.

Bu görkezilen Kararda Türkmenistanyň Azyk senagaty döwlet birleşigine hem-de Mary welaýatynyň häkimligine 2025-nji ýylda Mary welaýatynyň Mary, Wekilbazar, Sakarçäge, Baýramaly, Garagum, Türkmengala, Ýolöten, Murgap we Tagtabazar etraplarynda 17,9 müň gektarda güýzlük gant şugundyryny ekmek we şol ýerlerden 224,0 müň tonna hasyl öndürmek barada Mary welaýatyndaky ýerleriň kärendeçileri, peýdalanyjylary we ýerlerde gant şugundyryny öndürijiler bilen bellenen tertipde şertnamalaryň baglaşylmagyny we öndürilen gant şugundyrynyň şertnamalaýyn nyrhlarynyň satyn alynmagyny hem-de öndürijiler bilen wagtynda hasaplaşylmagyny üpjün etmek, etraplarda önümçiligi we ekin dolanyşygyny agrotehnikanyň talaplaryna laýyklykda ylmy esasda ýola goýmak bilen, gant şugundyrynyň ýokary hasylynyň öndürilişini yzygiderli üpjün etmeklik tabşyryldy.

Şeýle hem, Türkmenistanyň Azyk senagaty döwlet birleşiginiň «2024-nji ýylyň hasylyndan başlap gant şugundyrynyň satyn alyş bahasyny kesgitlemek hakynda» 2024-nji ýylyň 11-nji aprelindäki 50-Ö belgili Buýrugyna laýyklykda, gant şugundyryny ösdürip ýetişdirýän önüm öndürijilerden 2024-nji ýylyň hasylyndan başlap onuň bir tonnasynyň satyn alyş bahasynyň 600 (alty ýüz) manat möçberinde bellenilmegi bolsa, bu önümi öndürijileriň zähmete bolan höwesini has hem artdyrdy.

Häzirki döwürde gant şugundyry, esasanam, ýurdumyzyň Mary welaýatynda ösdürilip ýetişdirilýär. Bu ekiniň şeker önümçiliginiň barha ýokarlanmagynda örän uly paýy bolup, ylmy barlaglaryň netijelerine görä, agrotehniki çäreler öz wagtynda geçirilen ýagdaýynda, ondan ýylda iki möwsümde hasyl almak mümkindir. Toprak we howa şertlerine laýyklykda, ýurdumyzda bu ekini ýetişdirmek örän amatly bolup durýar. Howa şertleri şugundyryň kök miwesinde köp mukdarda şekeriň toplanmagyna mümkinçilik berýär. Onuň häzirki zaman sortlarynyň kök miwelerinde ortaça 13 — 19 göterim möçberde şeker bolýar.

Häzirki wagtda hormatly Prezidentimiz her gektar ýeriň düşewüntliligini artdyrmak, hasyllylygyny ýokarlandyrmak, bir ýylda ýerden iki hasyl almagyň hasabyna öndürilýän

önümleriň mukdaryny köpeltmek babatynda ähli mümkinçilikleri döredip berýär. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzda oba hojalygyny ösdürmek boýunça öňde goýlan wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmek, azyk önümleriniň öndürilýän möçberlerini mundan beýläk-de artdyrmak hem-de ygtybarly azyk bolçulygyny döretmek maksady bilen, döwlet Baştutanymyz tarapyndan döredilip berilýän şeýle amatly hem düşewüntli şertlerden ýerlikli peýdalanýan önüm öndürijiler gowaçadyr bugdaýyň, şalynyň, gant şugundyrynyň hem-de beýleki oba hojalyk ekinleriniň bol hasylyny ýetişdirmäge çalyşýarlar.

Geçen köp ýyllaryň dowamynda şugundyr ýetişdirmegiň tejribesini kemsiz ele alan, şeýle hem bu ekiniň suwarymly ýerleri netijeli ulanmak, düşewüntliligini artdyrmak, hilini ýokarlandyrmak, ýagdaýyny gowulandyrmak babatdaky bähbitlerine göz ýetiren ekerançylar hysyrdyly zähmetdigine garamazdan, bu aralyk ekini höwes bilen ekýärler. Şugundyry diňe güýzlük ekmek tejribesine geçilmegi hem daýhan birleşikleri we hasylyny ýetişdiriji «Maryşeker» kärhanasy üçin belli bir amatlyklar döretdi. «Maryşeker» açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň häzirki wagtda ýurdumyzda şugundyry ýetişdirýän, şeker we dürli gant önümlerini taýýarlaýan ýeke-täk karhana bolup durýandygyny bellemek gerek. Ýylyň bütin dowamynda bu kärhanada ýerlerdäki hasyly kabul ediş nokatlary, önümçilik desgalaryny we enjamlaryny bejermek, olary işjeň we ygtybarly ýagdaýa getirmek bilen bagly şugundyry ýetişdirmek işleri ýokary depginde alnyp barylýar.

Bereketli toprakdan bol hasyl almak geçmişden häzire çenli dowam etdirilip, ýyl-ýyldan ýokarlandyrlyp gel ýän asylly ýörelgedir. Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda bu ugurda öňde durýan wezipeler halkymyzyň bagtyýar durmuşyna gönükdirilýär.

Oba hojalyk önüm öndürijiler bilen hasaplaşyklary geçirmek üçin, Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň şahamçalarynda önüm öndürijiler üçin hasaplaşyk hasaplary açylýar. Munuň üçin oba hojalyk önüm öndürijileri önümçilik harajatlaryny maliýeleşdirmek üçin ýokarda belläp geçişimiz ýaly, ýyllyk 2 göterim derejesinde berilýän ýeňillikli bank karzyny almak üçin banka degişli resminamalaryny tabşyrylýar. Bankda aýratyn hasap açyp işlemek isleýän kärendeçilere oba hojalyk önümlerini öndürmek üçin karz serişdelerini bermek, karzyň üpjünçiliginiň 85 göterimine öndüriljek önümi we 15 göterimine girew üpjünçiligini almak bilen amala aşyrylýar. Önümçilik harajatlarynyň we girdejileriniň hasaplarynyň ýöredilmegi üçin daýhan birleşigi tarapyndan kärendeçileriň her birine «Daýhanyň hasap depderçesi» açylyp berilýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda pagta, bugdaý, şaly, gant şugundyry hasyllaryny hem-de beýleki oba hojalyk önümlerini öndürijilerine döwlet tarapyndan ýakyndan goldaw bermegiň çäklerinde, ýurdumyzyň oba hojalyk pudagyna dünýäniň iň ösen, kämil tehnikalarynyň, kombaýnlarynyň satyn alnyp berilmegi, kärendeçilerimi-





ziň suw we ýeri gurplandyryjy mineral dökünler bilen hem-de zerur bolan beýleki önümçilik serişdeleri bilen bökdençsiz üpjün edilmegi, şeýle hem ýeňillikli bank karzlarynyň berilmegi hormatly Prezidentimiziň oba hojalyk önümlerini öndürijilerini galkyndyrmak barada edýän aladalarynyň aýdyň şaýadydyr.

«Türkmenistanda 2025-nji ýylda şaly öndürmek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararyna laýyklykda Daşoguz welaýatynyň Saparmyrat Türkmenbaşy etrabynda hem-de Lebap welaýatynyň Darganata, Dänew, Çärjew, Saýat, Halaç, Hojambaz, Kerki we Köýtendag etraplarynda önümçiligi we ekin dolanyşygyny agrotehnikanyň talaplaryna laýyklykda ylmy esasda ýola goýmak bilen, şalynyň ýokary hasylynyň öndürilmegi, ýagny öndürijiler bilen şertnama esasynda 2025-nji ýylda 18,3 müň gektar meýdana şaly ekilip, 82,4 müň tonna şaly hasylyny ösdürmek barada tabşyryk berildi.

«Türkmenistanda 2025-nji ýylda bugdaýyň bol hasylyny öndürmek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararyna laýyklykda kärendeçiler, bugdaý öndürijiler bilen şertnama baglaşmak esasynda welaýatlaryň häkimlikleri bilen bilelikde 2025-nji ýylda ýurt boýunça 690,0 müň gektar meýdana bugdaý ekilip, 1 million 400 müň tonnadan gowak hasyl alyndy we Watan harmanyna tabşyryldy.

Oba hojalygynda esasy pagta, bugdaý, şaly, gant şugundyry esasy ekinleriň hatarynda durýar. Bu ekinlere Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky tarapyndan ýyllyk 2 göterim derejesinde ýeňillikli karz serişdeleri berilýär. Bu pudagy ösdürmek barada döwlet tarapyndan berilýän goldawlaryň netijesinde, ýurdumyzda her ýylda uly üstünlikler we yzygiderli ösüşler gazanylýar. Ýurdumyzyň dokma toplumynda pagta önüminden dürli harytlar, egin-eşikler öndürilip daşary ýurtlara yzygiderli eksport edilýär, geljekde bugdaý önümini hem ekspot etmeklik meýilleşdirilýär.

Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzyň oba hojalyk pudagyna berýän goldawlarynyň netijesinde, ýurdumyz boýunça oba hojalyk önümleriniň öndürilişi ýylsaýyn artýar we onuň netijesinde bolsa pagta, bugdaý, şaly we gant şugundyryny öndürijileriň hem girdejileri ýylsaýyn barha gowulanýar.

Hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllygynyň giňden dabaralandyrylýan «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak» ýylynda ýurdumyzyň oba hojalygyny hemmetaraplaýyn ösdürmek hakynda edýän ýadawsyz aladalary üçin, oba hojalyk önümlerini öndüriji kärendeçilerimiziň ählisiniň türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza we Arkadagly Gahryman Serdarymyza çyn ýürekden bildirýän minnetdarlyklarynyň we hoşallyklarynyň çägi ýok.

Bize ýaşamaga, işlemäge, ýurdumyzyň ähli pudaklarynda uly ösüşleri gazanmaga ajaýyp mümkinçilikleri döredip berýän, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizi ösüşleriň belent derejelerine alyp barýan Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, tutýan tutumly işleri elmydama rowaçlyklara beslensin!

**Altyn DURDYÝEWA,**
Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik
bankynyň Ykdysady seljerme we Maliýe müdirliginiň
Ykdysady seljerme we çaklaýyş bölüminiň baş hünärmeni

# DÖWRÜŇ AJAÝYP ÖSÜŞLERINI NAZARLAP

«Halkara parahatçylyk we ynanyşmak» ýylynda bedew batly ösüşleri bilen öňe barýan eziz Watanymyzyň her bir güni toý-baýramlara, şanly senelere beslenýär. Toýlary-toýlara ulaşýan halkymyz Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan üç gezek ykrar edilen hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllygynyň toýuna uly buýsanç bilen barýar. Bitaraplyk halklary bir-birine birleşdiriji, ylalaşdyryjy, ýakynlaşdyryjy güýçdür. Bitaraplyk ata-babalarymyzyň asyrlaryň dowamynda özbaşdak döwlet gurmak baradaky arzuwlarynyň özbolușly beýanydyr.

Gahryman Arkadagymyzyň peder kesbine eýerýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly içeri we daşary syýasaty netijesinde ýurdumyzda bank ulgamynyň işjeňligini kämilleşdirmek we innowasion sanly tehnologiýalary giňden ornaşdyrmak bilen ilata ýokary hilli täze hyzmatlary hödürlemek ýaly möhüm işler üstünlikli durmuşa geçirilýär. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak» ýylynda günsaýyn özgerýän döwletimizde hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ähli pudaklar bilen bir hatarda bank ulgamynda hem durnukly ösüşi üpjün etmekde zerur şertler döredilýär.






«Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011 — 2030-njy ýyllar üçin Döwlet Maksatnamasyna» laýyklykda bank ulgamyny ösdürmek, bank işjeňliginiň kadalaşdyryjy hukuk binýadyny kämilleşdirmek, hödürlenilýän bank hyzmatlarynyň gerimini giňeltmek we hilini ýokarlandyrmak, töleg ulgamyny sanly ulgam arkaly ýeňilleşdirmek we täze kämil görnüşlerini ornaşdyrmak boýunça maksatlaýyn işler giň gerimde alnyp barylýar. Döwlet maksatnamasynda bellenen çäreleriň yzygiderli ýerine ýetirilmegi, ýurdumyzyň sanly ulgama geçişiniň çaltlandyrylmagyna, döwletimiziň durmuş-ykdysady ösüşiniň derejesini ýokarlandyrmaga we halkymyzyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmaga ýardam edýär. Bu öňi bilen Gahryman Arkadagymyzyň «Döwlet adam üçindir» diýlen taglymatynyň döwlet syýasatyna öwrülendigini aýdyňlygy bilen beýan edýär.

Kabul edilen maksatnamalara we Konsepsiýa laýyklykda nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini giňeltmek, bank ulgamyna sanly tehnologiýalary giňden ornaşdyrmak, töleg ulgamyny dünýäniň ösen döwletleriniň derejesinde guramak, pul-karz dolanyşygynyň ýagdaýyna täsir etmek arkaly bazar isleglerini kanagatlandyrmak, ilatyň erkin duran pul serişdelerini bank ulgamyna möhletli we talap edilýänçä görnüşindäki goýumlara çekmek, maliýe bazaryny düýpli ösdürmek we beýlekiler babatda anyk wezipeler durmuşa geçirilýär.

Häzirki zaman innowasion ösüşiň önümi bolan sanly tehnologiýalaryň bank ulgamyna giňden ornaşdyrylmagy olaryň işiniň kämilleşmegine, müşderiler bilen aragatnaşyk usullarynyň döwrebaplaşmagyna oňyn şert döredýär. Häzirki wagtda bütin dünýäde bolşy ýaly, ýurdumyzda

hem ykdysadyýetiň ähli ugurlaryny sanlylaşdyrmak işleri döwrebap talaplara laýyklykda ýola goýulýar.

Elbetde ajaýyp ösüşleri bilen bedew batly öňe barýan ýurdumyzyň bank ulgamyny düýpli özgertmek, ilata hödürlenýän bank hyzmatlaryny halkara derejelere çykarmak boýunça bank işiniň dürli ugurlaryny döwrebaplaşdyrmak, abraýly halkara maliýe düzümleri bilen hyzmatdaşlygy has-da giňeltmek, sanly ykdysadyýetiň gazananlary hökmünde «Internet-bank» we «Mobil-bank» hyzmatlaryny ýurduň çäginde giňden ornaşdyrmak, şeýle hem bu hyzmatlaryň amatlyklary barada ilatyň arasynda mahabat-düşündiriş işlerini alyp barmak boýunça uly öňegidişlikler gazanylýar.

Sanly ykdysadyýete geçmeklik dünýäniň öňdebaryjy döwletleri bilen aýakdaş gitmeklige ýol açýar we bu ulgamyň işiniň ýeňilleşmegine itergi berýär. Sanlylaşdyrmak täze harytlaryň we hyzmatlaryň peýda bolmagyna getirýär. Sanly bank hyzmatlarynyň üsti bilen bank işjeňligi has-da ýokarlandyrylýar. Nagt däl hasaplaşyklaryň möçberi artdyrylýar, karzlaryň täze görnüşleri döredilýär.

Häzirki wagtda raýatlar tarapyndan karz almak üçin ýüztutmalary «online» görnüşinde kabul etmeklik hem ýola goýuldy. Bulardan başga-da ýurdumyzyň bank ulgamynyň innowasion häsiýetli ösüşini üpjün etmek, ykdysady taýdan ähmiýetli, netijeli pudaklary karzlaşdyrmak, dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynyň bank ulgamynyň täze hyzmatlaryny öwrenmek we olaryň netijeliligini milli bank ulgamyna sazlaşykly ornaşdyrmak ugrunda işler üstünlikli alnyp barylýar. Dünýäniň ösen ýurtlarynda ornaşdyrylan, raýatlaryň öýlerinden ýa-da iş ýerlerinden çykmazdan, internet arkaly söwda etmeklik we elektron tölegleri amala aşyrmaklyk, gerekli harytlaryny islendik ýere eltip bermäge mümkinçilikleriň guralmagy raýatlaryň serişdelerini we gymmatly wagtyny tygşytlamaga mümkinçilik berýär. Bu bolsa ýurdumyzda adam hakynda edilýän aladanyň aýdyň nyşanydyr.

Hakykatdan hem milli bank ulgamynda amala aşyrylýan oňyn özgertmeleriň netijesinde karz edaralarynyň kanunçylyk-hukuk binýady kämilleşdirilýär, banklara iň kämil tehnologiýalar ornaşdyrlyp, olaryň maddy-enjamlaýyn binýady düýpli täzelenýär. Bank işjeňligi häzirki döwrüň talaplaryna laýyklykda guralýar, hususan-da müşderilere hödürlenýän bank önümleri diwersifikasiýalaşdyrlyp, dünýäniň öňdebaryjy banklarynyň iş tejribelerine laýyklykda täze hyzmatlary yzygiderli ornaşdyrmak, müşderiler bilen işlemegiň täze usullaryny ýola goýmak boýunça işler üstünlikli dowam etdirilýär.

Häzirki wagtda ykdysadyýetiň sanlaşdyrylmagy beýleki ykdysady düzümler bilen bir hatarda banklaryň hem sanly ulgama geçmegini şertlendirdi. Bank ulgamynda ulanylýan sanly tehnologiýalaryň döredýän amatlyklary müşderiler bilen has ýakyndan hyzmatşdaşlyk etmäge we olaryň ileri tutulmalaryna has takyk düşünmäge mümkinçilik berýän häzirki zaman ugurlary peýdalanmagyň hasabyna müşderileri saklap galmaga, bank telekeçiligini giňeltmäge ýardam berýän sebäpleriň biridir.

«Türkmenistanyň 2020-2025-nji ýyllar üçin daşary ykdysady işiniň ösüşiniň maksatnamasyny», «Türkmenistanyň 2021-2030-njy ýyllar üçin daşary söwda strategiýasyny», söwda, ykdysadyýet we maýa goýumlar ulgamlaryna degişli resminamalardan gelip çykýan çäreleri hem-de taslamalary amala aşyrmak boýunça degişli işler alnyp barylýar. Bu babatda milli ykdysadyýetiň durnukly ösüşine we ilatynyň durmuş derejesiniň ýokarlandyrylmagyna ýardam berýän oňyn halkara şertleri döretmek, dünýäniň hojalyk gatnaşyklaryna işjeň gatnaşmak, daşary ykdysady hyzmatdaşlygy has-da ösdürmek, iri maýa goýumlaryny ýurdumyza çekmek ýaly wajyp wezipeler ileri tutulýar.

Türkmenistanyň halkara ykdysady işiniň ileri tutulýan ugurlarynyň biri BMG-niň Ösüş maksatnamasyny durmuşa geçirmäge işjeň we netijeli gatnaşmaga gönükdirilendir. Ýurdumyzyň energetika we energiýa howpsuzlygy, durnukly ulag ulgamy, ekologiýa we daşky gurşawy goramak, hususan-da, wodorod energiýasy boýunça wajyp meseleleriň çözülmegi, azyk howpsuzlygy we beýleki ugurlar babatda halkara hyzmatdaşlyk has hem giňeldilýär.

Bank ulgamy milli ykdysadyýetimizi maýa goýum serişdeleri bilen üpjün etmekde uly ähmiýete eýe bolup, onuň sanly ulgama geçirilmegi, işewürlik mümkinçiliklerini artdyrmaga, döwrebap bank hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmaga ýardam berýär. Sanly ulgamyň ornaşdyrylmagy milli ykdysadyýetimiziň bäsdeşlige ukyplylygynyň, depginli ösüşiniň üpjün edilmegi hem-de dünýä ykdysady giňişligine has işjeň goşulmagyny üpjün edýär.

Sanly maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalaryny işjeň ulanmak, elektron resminama dolanyşygyny kämilleşdirmek, maglumat howpsuzlygyny üpjün etmek, kiberhowplara garşy durmak we beýleki ugurlar boýunça zerur bolan enjamlary, programma üpjünçiliklerini satyn almak we ulgama ornaşdyrmak, şeýle-de dünýäniň ösen döwletleriniň iş tejribelerinden peýdalanmak arkaly hünärmenleri taýýarlamak işleri hem yzygiderli dowam etdirilýär.

«Halkara parahatçylyk we ynanyşmak» ýylynda amala aşyrylýan işleriň ählisi türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak baradaky taýsyz tagallalarynyň netijesidir. Şeýle mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlarynyň sag, ömürleriniň uzak bolmagyny, il-ýurt bähbitli, dünýä ähmiýetli alyp barýan işleriniň elmydama rowaç almagyny tüýs ýürekden arzuw edýäris!

**Şeker BÄŞIMOWA,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Mary welaýat şahamçasynyň Buhgalter hasaby
we hasabatlar bölüminiň esasy hünärmeni

# TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI
## Тенденции развития банковской системы Туркменистана
## Development trends of the banking system of Turkmenistan

**2025-nji ýylyň 1-nji awgust ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat**

Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 августа 2025 года

Information on the number of branches of the credit institutions of Turkmenistan as of August 1, 2025




**2025-nji ýylyň 1-nji awgust ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat**

Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 августа 2025 года

Information on the number of agencies of the credit institutions of Turkmenistan as of August 1, 2025




**2025-nji ýylyň 1-nji awgust ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralary boýunça daşary ýurt puluny alyş-çalyş nokatlarynyň sany**

Количество обменных пунктов иностранной валюты по кредитным учреждениям Туркменистана на 1 августа 2025 года

Number of the exchange bureaus of the credit institutions of Turkmenistan as of August 1, 2025




**Karz edaralaryň işjeňleriniň düzümi, (%-de)**

Структура активов кредитных учреждений, (в %)

Structure of assets of the credit institutions (in %)



№7
2025
TÜRKMENISTANYŇ MERKEZI BANKY
Центральный банк Туркменистана
Central bank of Turkmenistan

## Karz edaralaryň işjeň dälleriniň düzümi, (%-de)

Структура пассивов кредитных учреждений, (в %)
Structure of liabilities of the credit institutions(in %)




## 2025-nji ýylyň ýylyň 1-nji awgust ýagdaýyna karz edralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat

Величина уставного фонда кредитных учреждений
по состоянию на 1 августа 2025 года
Authorized capital size as of 1 August 2025




## Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleriniň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)

Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения по срокам их размещения (в млн манат)

Funds on the settlement, current, deposit accounts of the enterprises, organizations and households by the terms of placement (in mln. manat)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň eýeçiligi boýunça bölünişi (mln manatda)

Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоставленных в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по формам их собственности (в млн манат)

Undrawn credit amounts in national currency of the credits issued to the enterprises, organizations and households, by the forms of the ownership (in mln. manat)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)

Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоствленные в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по срокам их размещения (в млн манат)

Distribution of balances of credits with the credit institutions provided to the enterprises, organizations and households by the terms of placement (in mln. manat)




## 2025-nji ýylyň 1-nji awgust ýagdaýyna Türkmenistanyň bank kart ulgamynda hasaba alnan bank kartlary boýunça maglumat (görkezijiler tegeleklenip alyndy)

Сведения о зарегистрированных в банковской карточной системе Туркменистана банковских картах по состоянию на 1 августа 2025 года (указатели округлены)

Information on the bank cards registered in the bank system of Turkmenistan as of 1 August 2025 (rounded-off)



## Türkmenistanyň karz edaralarynyň işjeňliginiň esasy görkezijileri
Основные показатели деятельности кредитных учреждений Туркменистана
Key performance indicators of credit institutions in Turkmenistan

| **GÖRKEZIJILER**<br>ПОКАЗАТЕЛИ/INDICATORS | ölçeg birligi<br>ед. измер.<br>measure unit | 01.08.2024 | 01.01.2025 | 01.08.2025 | 01.08.2025<br>01.01.2025-e, %-de | 01.08.2025<br>01.08.2024-e, %-de |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **1. Bellige alnan karz edaralary**<br>Зарегистрированные кредитные учреждения<br>Registered credit institutions | sany<br>количество<br>number | **11** | **11** | **11** | *100,0* | *100,0* |
| şol sanda/в том числе/ including: | | | | | | |
| - döwlet täjirçilik<br>- государственно-коммерческие<br>- state-commercial | sany<br>количество<br>number | 3 | 3 | 3 | *100,0* | *100,0* |
| - paýdarlar täjirçilik<br>- акционерно-коммерческие<br>- joint-stock commercial | sany<br>количество<br>number | 5 | 5 | 5 | *100,0* | *100,0* |
| - daşary ýurt banklarynyň şahamçalary<br>- филиалы иностранных банков<br>- branches of foreign banks | sany<br>количество<br>number | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| - Döwlet ösüş banky<br>- Государственный банк развития<br>- State Development bank | sany<br>количество<br>number | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| - «Türkmen maýa goýum kompaniýasy»<br>- «Туркменская инвестиционная компания»<br>- «Turkmen investment company» | sany<br>количество<br>number | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| **2. Karz edaralaryň şahamçalarynyň sany**<br>Количество филиалов кредитных учреждений<br>Number of branches of credit institutions | sany<br>количество<br>number | **149** | **149** | **148** | *99,3* | *99,3* |
| **3. Karz edaralarynda hyzmat edilýän müşderilere açylan hasaplaryň sany**<br>Количество счетов открытых клиентом обслуживаемых кредитными учреждениями<br>Number of accounts opened by clients serviced by credit institutions | sany<br>количество<br>number | | **7 675 485** | | | |
| **4. Karz edaralaryň işgärleriniň sany**<br>Численность работников кредитных учреждений<br>Number of employees of credit institutions | sany<br>количество<br>number | | **8 408,50** | | | |
| **5. Karz edaralaryň hakyky toplan esaslyk maýasynyň möçberi**<br>Фактически сформированный уставный фонд кредитных учреждений<br>Actually formed authorized capital of credit institutions | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **7227,22** | **7432,33** | **7511,10** | *101,1* | *103,9* |
| **6. Türkmenistanyň Merkezi bankynda açylan karz edaralarynyň aragatnaşyk hasaplaryndaky galyndylary (milli pulda)**<br>Остаток на корреспондентских счетах кредитных учреждений в Центральном банке Туркменистана (в нац. валюте)<br>Balances on correspondent accounts of credit institutions in the Central Bank of Turkmenistan (in national currency) | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **20300,70** | **16997,27** | **13614,19** | *80,1* | *67,1* |
| **7. Türkmenistanyň karz edaralarynyň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylary**<br>Остаток кредитов кредитных учреждений Туркменистана в национальной валюте, предоставленные предприятиям, организациям, населению<br>The balance of credits of credit institutions of Turkmenistan in national currency, provided to enterprises, organizations, and the population | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **90 331,81** | **92 135,71** | **92 362,32** | *100,2* | *102,2* |
| **8. Karz edaralarynda kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleri (milli pulda)**<br>Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения в кредитных учреждениях (в нац. валюте)<br>Funds at settlement, current accounts and deposits of enterprises, organizations and individuals in credit institutions (in national currency) | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **43 829,03** | **40 178,70** | **36 641,85** | *91,2* | *83,6* |

***Ylmy-önümçilik geňeşinde taýýarlanyldy***
*Подготовлено Научно-производственным советом /Prepared by the Research Council*

## 2025-nji ýylyň 1-nji awgust ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat

Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 августа 2025 г.

Information on the number of branches of credit institutions of Turkmenistan as of August 1, 2025

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений<br>Name of credit institutions | Şahamçalaryň sany<br>Количество филиалов<br>Number of brances | Ahal<br>Ахал<br>Ahal | Aşgabat<br>Ашхабад<br>Ashgabat | Arkadag<br>Аркадаг<br>Arkadag | Balkan<br>Балкан<br>Balkan | Daşoguz<br>Дашогуз<br>Dashoguz | Lebap<br>Лебап<br>Lebap | Mary<br>Мары<br>Mary |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB**<br>ГКБТ «Туркменистан» / SCBT «Turkmenistan» | **22** | 3 | 7 | 1 | 4 | 1 | 3 | 3 |
| **Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB**<br>АКБТ «Туркменбаши» / JSCBT «Turkmenbashi» | **22** | 1 | 4 | | 4 | 3 | 6 | 4 |
| **Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB**<br>ГКБТ «Дайханбанк» / SCBT «Dayhanbank» | **51** | 7 | 1 | 1 | 7 | 10 | 13 | 12 |
| **TD Daşary ykdysady iş banky**<br>Туркменвнешэкономбанк/<br>State Bank for Foreign Economic Affairs of Turkmenistan | **3** | | 2 | | 1 | | | |
| **Türkmenistanyň «Halkbank» PTB**<br>АКБТ «Халкбанк»/ JSCBT «Halkbank» | **32** | 4 | 7 | 1 | 3 | 4 | 7 | 6 |
| **Türkmenistanyň «Senagat» PTB**<br>АКБТ «Сенагат»/ JSCBT «Senagat» | **14** | 1 | 2 | 1 | 4 | 2 | 2 | 2 |
| **«Rysgal» PTB**<br>АКБ «Рысгал» / JSCB «Rysgal» | **4** | | | | 1 | 1 | 1 | 1 |
| **Jemi / Всего / Total** | **148** | **16** | **23** | **4** | **24** | **21** | **32** | **28** |

## 2025-nji ýylyň 1-nji awgust ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat

Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 августа 2025 г.

Information on the number of credit institutions agencies of Turkmenistan as of August 1, 2025

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений<br>Name of credit institutions | Gulluklaryň sany<br>Количество агентств<br>Number of agencies | Ahal<br>Ахал<br>Ahal | Aşgabat<br>Ашхабад<br>Ashgabat | Balkan<br>Балкан<br>Balkan | Daşoguz<br>Дашогуз<br>Dashoguz | Lebap<br>Лебап<br>Lebap | Mary<br>Мары<br>Mary |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB**<br>ГКБТ «Туркменистан» / SCBT «Turkmenistan» | **1** | | 1 | | | | |
| **Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB**<br>АКБТ «Туркменбаши» / JSCBT «Turkmenbashi» | **1** | | 1 | | | | |
| **Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB**<br>ГКБТ «Дайханбанк» / SCBT «Dayhanbank» | **8** | 1 | | 1 | 1 | 4 | 1 |
| **TD Daşary ykdysady iş banky**<br>Туркменвнешэкономбанк/<br>State Bank for Foreign Economic Affairs of Turkmenistan | **1** | | | 1 | | | |
| **Türkmenistanyň «Halkbank» PTB**<br>АКБТ «Халкбанк»/ JSCBT «Halkbank» | **4** | | | | | 4 | |
| **Türkmenistanyň «Senagat» PTB**<br>АКБТ «Сенагат»/ JSCBT «Senagat» | **1** | | | | 1 | | |
| **Türkmen-Türk PTB**<br>Туркмено-Турецкий АКБ/ Turkmen-Turk JSCB | **7** | | 2 | 1 | 1 | 2 | 1 |
| **Jemi / Всего / Total** | **23** | **1** | **4** | **3** | **3** | **10** | **2** |

## 2025-nji ýylyň 1-nji awgust ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat

Информация об уставном фонде кредитных учреждений по состоянию на 1 августа 2025 г.

Information on the authorized capital of credit institutions as of August 1, 2025

müň manat / тыс. манат / thousand manat

| Bellige alnan karz edaralar we beýlekiler<br>Зарегистрированные кредитные учреждения и другие<br>Registered credit institutions and others | Esaslyk maýalarynyň möçberi<br>Размер уставного фонда<br>Size of the authorized capital | Esaslyk maýalaryň umumy möçberinden düşýän paýy, %<br>Уд. вес к итогу, % / Share to total, % |
|---|---|---|
| döwlet täjirçilik banklary<br>государственно-коммерческие банки/state-commercial banks | 2 723 352,7 | 36,3 |
| paýdarlar täjirçilik banklary<br>акционерно-коммерческие банки/joint-stock commercial banks | 1 877 169,8 | 25,0 |
| daşary ýurt banklarynyň şahamçalary<br>филиалы иностранных банков/branches foreign banks | 4 571,0 | 0,1 |
| Döwlet ösüş banky<br>Государственный банк развития/State Development Bank | 2 850 000,0 | 37,9 |
| Türkmen maýa goýum kompaniýasy<br>Туркменская инвестиционная компания/Turkmen investment company | 56 000,0 | 0,7 |
| **Jemi / Всего / Total** | **7 511 093,6** | **100,0** |

***Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy***

*Подготовлено департаментом Банковского надзора/ Prepared by Banking Supervision Department*

## 2025-nji ýylyň iýul aýynda TMB-niň karz auksionynda yglan edilen göterim derejeleri
Объявленные процентные ставки на кредитном аукционе ЦБТ в июле 2025 года
Interest rates declared at the credit auction of CBT in July, 2025

